THE ASHGABAT TIMES

# Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory wezipesinden boşadyldy

2024-nji ýylyň 12-nji iýulynda geçirilen giňişleýin Hökümet mejlisiniň barşynda Türkmenistanyň Prezidenti degişli Permana gol çekdi. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory Orazow Parahat Orazmuhamedowiç, işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, eýeleýän wezipesinden boşadyldy. Bu barada «Watan» habarlar gepleşiginde habar berildi.

Şeýle-de döwlet Baştutanynyň gol çeken Permany bilen, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory wezipesine Batyr Meretdurdyýewiç Mämmedow bellenilip, ol Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

Все права защищены

22.11.2024